# Gel

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Gel

GEL

Gel,
Oňuşsak oňşaly adam şekilli,
Ile meňzäp ýaşap göreýli bizem.
Hanha,
Kepän dodagyny namysdan ýaryp,
Yzymyzda gurap barýar lebizem.

Gel,
Aýrylmaly bolsa,
Aýrylyşaly.
Jähennem,
owarra bolsun hemme zat.
Kebelekler ürküp gitdi bireýýäm,
Ýasama açylan güllerimizden.
Aýralygam agyr däldir hut biziň
Oňuşman geçirýän günlerimizden.

Gel,
Köp zatlary duýýan öňünden,
Bilýänimem az däl bilmeýänimden.
Bilýän,
Kän zatlary bilýän öňünden.
Aýt,
sen bir bilermikäň näm etjegimi
salama degmeýän bir kimsä öwrüp,
ýyllar seni çykaraýsa öňümden?..

Ýalňyşyp düşünmäli,
Gel!

Jumamyrat JUMAÝEW,
Dänew etrabynyñ ýaşaýjysy.

Goşgular